***Ýurdumyzda bagtyýar çagalaryň berk bedenli, sagdyn ruhly bolmaklaryny gazanmakda netijeli işler alnyp barylýar. Tomusky dynç alyş döwründe çagalar baglarynda körpeleriň aň we beden taýdan sagdyn ösüşini ýola goýmak işi utgaşykly alnyp barylýar. Şunuň bilen baglanyşykly «Türkmenistanyň döwlet mekdebe çenli çagalar edaralarynyň tomus sagaldyş möwsümi üçin gün tertibine» we çagalar bagynyň ýyllyk iş meýilnamasyna laýyklykda, tomus sagaldyş möwsüminiň işi guralýar.***

Çagalar bakja-bagymyzyň terbiýeçileri «Mekdebe çenli çagalar edaralarynda tomus sagaldyş möwsüminde geçirilýän gyzyklanma çäreleriniň mysaly tertibine» esaslanyp, ýörite meýilnama esasynda iş alyp barýarlar. Şoňa laýyklykda, körpeler bilen guralýan «Hereketli oýunlar», «Gyzyklanma çäreleri», «Aýdym-sazly göwnaçmalar», «Duýgulary ösdürmek üçin öwrediji oýunlar» olaryň duýgularyny ösdürip, kämilleşdirmäge gönükdirilendir.

Tomus paslynda geçirilýän işler taplama çäreleri bilen utgaşykly alnyp barylýar. Bu işleri talabalaýyk we göwnejaý guramakda biziň çagalar bakja-bagymyzda öňünden taýýarlyk işleri görüldi. Körpeleriň açyk howada gezelenç etmekleri üçin ýörite meýdançalar taýýarlanyldy. Günüň birinji ýarymynda toparlarda irki maşklar, irki gezelençler, gyzyklanma çäreleri geçirilýär. Umuman, çagalar bakja-bagymyzda geçirilýän gyzyklanma çäreleri körpejelerde ýakymly ýatlamalary galdyrýar.

**Bilbil AMANGELDIÝEWA,**
**Daşoguz şäheriniň 33-nji çagalar bakja-bagynyň terbiýeçisi.**

Все права защищены